# Edähet

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Edähet Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶ EDÄHET

Oňdum ýördüm berilenje paý bilen,
Siňek ýaly göze-başa düşmedim.
Özge üçin haýyş edip kiçeldim,
Özüm üçin welin kowalaşmadym.

«Sen akmak» diýdiler, gaty görmedim,
Ýöne olary-da saýmadym dana.
Hiç kimi äsgermän taňry bolandan,
Gol berenmi kem görmedim daýhana.

«Öz nebsini bilmez mahluk» diýdiler,
«Bolup biler» diýdim, inkär etmedim.
Olar zat çöpledi garynja bolup,
Men garynjaň ýodasyndan gitmedim.

Gazanjyňy sowýaň diýip garnyňa,
Geň gördüler. Men buýsançly ýylgyrdym.
Olar aý-ýyllary saklajak boldy,
Ýyllar bolsa geçdi göýä ýyldyrym.

Bir gün ajal geldi sorag-idegläp,
«Gaç, gizlen! -diýdiler – nalajedeýin»
Sömelip durşuma diýýärin menem:
«Takdyrymdan gaçyp nirä gideýin?»

Olar bolsa sümlüp gitdi bada-bat
Kimsi çöp-çalama, kimsi ýerdölä.
Ýöne… ýaňkylary bir-bir aparyp,
Maňa zat diýmedi şar gara bela.

«Äl, nähili adalatsyz ekeniň»

Diýip, şonda nadyl boldum ölümden,
Ýogsam menem berlen öwütler üçin
Bir sag bolsun aýtjakdym öz dilimden.

* * *

Beýikler geçip dur yzly-yzyna,
Peslerem geçip dur hatarma-hatar.
Senem öz-özüñi aldama, adam,
Bu günler baky däl, bu günler öter.

Öz boýuñdan uzyn görünjek bolma,
Akylly-da bolma özüñden beter.
Ersen mahallaryñ ýada saljak bol,
Kimdigiñi tanap, bu günler öter.

Bir kişiñ göwnüni ýyladam bolsañzm
Yssysy seniñem kalbyña ýeter.
Dört pasylyñ aýlanşyndan many al,
Seni bir dem synlap, bu günler öter.

Bir aladañ özüñ bolsa ýeñildir,
Owunjak oýlaryñ özüñi üter.
Baş ýaýkap bakar-da beýle bolşuña
Bu günler öter.

Ömrüñ boýy aklym ýetmedik zada,
Iñ soñky minutda, elbetde, ýeter.
Ökünen bolarsyñ, oña çenli-de
Öter, bu ajaýyp ak günler öter.

Sen geleñde gujak açan tebigat
Şeýdip bir gün seni böwründen atar.
…Kän zat aldyñ bu owadan dünýäden,
Eçil, senem eçil! Bu günler öter. Goşgular